# Megrahi Lokerbiniñ 271-nji pidasymy?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Megrahi Lokerbiniñ 271-nji pidasymy? MEGRAHI LOKERBINIÑ 271-nji GURBANYMY?

*Megrahi bigünädigini öwran-öwran aýdyp, panydan ötdi. Şindi üns merkezinde şu sowal bar: uçar partlamasynda kimiñ eli bardy?*



**Abdulbasit el-Megrahi, 1992 / Fotosurat: AFP**
Lokerbi sud prosesi täzeden gozgaldy. Waşingtonyñ «Lokerbi wakasyndaky» bombany ýarmakda aýyplan öñki liwiýaly kontrrazwedkaçysynyñ alnyp gaçylma operasiýasynyñ yzysüre käbirleri Liwiýadaky syýasy çaknyşykda şu prosesi ulanmaga synanyşdy.
Lokerbi prosesiniñ aýan bolmagy bilen şu sowal gaýtadan orta atylýar:
Abdulbasit el-Megrahi Lokerbiniñ 271-nji pidasymy?
Şotlandiýanyñ Lokerbi posýologynyñ ABŞ-nyñ «Pan» Howa ýollaryna degişli uçara ýerleşdirilen bombany partlatmakda aýyplanýan Abdulbasite garşy gozgalan derñew işiniñ adalatly alnyp barylmandygyny aýdýan nägileçilikli sesler batlanýar.
Maşgalasy, käbir hukukçylar we adam hukuklary boýunça köp sanly aktiwist Megrahiniñ bir parçasy bolan merhum polkownik Kaddafi režiminiñ tutumyna aldyrman muny öñe sürýär.

1991-nji ýylyň noýabr aýynda Liwiýanyň iki raýatyny tussag etmek hakynda görkezme berlipdi.
Liwiýa ABŞ tarapyndan özüne garşy berlen 10 ýyllyk sanksiýadan soň iki raýatyny 1999-njy ýylda Gollandiýadaky «Camp Zeist»-de derňew işini alyp barmak üçin berdi.
Gollandiýada geçidilen şotland sud mejlisinde iki liwiýalynyň biri günäkär hasaplandy, beýlekisi jogapkärçilikden boşadyldy.
Kaddafi režiminiň ähli çykdajylaryny ödän Megrahi jezasynyň bir bölegini ýörite tussaghanalaryň birinde çekenden soň düwnük keseline ýolugyp saglyk ýagdaýy ýagdaýynyň ýaramazlaşandygy sebäpli azatlyga çykaryldy.
Tussaglykdan boşanyna iki ýyl geçenden soň Tripolide aradan çykan Megrahi hemişe özüniň bigünädigini aýdýar.
Häzir Megrahiniň maşgalasy onuň bigünädigini subut etmek üçin hemişeki tagallasyny dowam etdirýär.
2011-nji ýyldan soň «Liwiýa döwleti» Lokerbi prosesinde raýatynyň garşysyna çykarylan karara garşy appelýasiýa (aklamak) üçin ýüz tutmakdan ýüz dönderdi.
Şeýlelikde, Şotland Apellýasiýa sudunyňam aklamak üçin berilen arza seretmekden ýüz öwürmeginiň yzyndan maşgala iň ýokary suda – Iňlis sudunyň öňünde aýyplama şikaýat bildirmäge gitdi.
Munuň özi bolsa, suduň şotland suduna kärende berlen Gollandiýanyň ýer bölegine gapylaryny ýapmagynyň yzyndan Lokerbä gidiş petegini iki esse gymmada düşürer.
Gollandiýada geçen sud mejlisinde henize çenli dünýä görlüp-eşdilmedik sud epizodlary bolup geçdi.
Megrahi 1988-nji ýylda «Pan» Howa ýollaryna degişli uçary Lokerbi posýologynyň üstünde partladyp, 270 adamyň ölümine sebäp bolmakda aýyplanypdy.
Şindi Megrahiniň hadysanyň bolan ýerindäki däl-de, soraga çekilen ýerinde heläkçiligiň 271-nji gurbanydygy aýdylýar.
Megrahiniň derňew işinde gödek ýalňyşlygyň bolup bilmejgi ýa bilmejegi hakdaky jedel Şotland Jeza dawalary boýunça derňew komissiýasynyň «derňew ýalňyşlygynyň» bolmagynyň mümkindigini aýtmagyna sebäp boldy.
Waka boýunça ýeke şaýat bar, olam – Megrahini gazetdäki fotosuratyndan tanan maltaly söwdagär Toni Gauçi.




*Toni Gauçi*

Bu bolsa suduñ goldanýan delilleriniñ gowşak bolup, aýyplamaga esas berjek ýagdaýda däldigini we suduñ derñeýji häsiýetde däl-de, syýasy häsiýetdedigini görkezýär.

Maşgalanyñ adwokaty Klara Mişel çarşenbe güni beren beýanatynda Megrahiniñ jezalandyrylmagynda uly rol oýnan diagnozyñ «hiç hili gymmatynyñ ýokdugyny» aýtdy.

«The Guardian» gazetiniñ habar bermegine görä, iñlis ygtyýarlylarynyñ proses boýunça resmi maglumatlaryñ gizlinligini aýyrmakdan ýüz öwürmegi iñlis kontrrazwedkasynyñ wakanyñ içindäki arap ýurtlarynyñ birinden alan maglumatynda degişli arap ýurdunyñ konrrrazwedka işgäriniñ eliniñ bardygyny görkezýär.

Bombany partladandygyny boýun alýan başga bir liwiýaly günäkäriñ bardygy öñe sürülendigine we Liwiýadaky täze ygtyýarlylara beren görkezmeleriniñ derwaýyslygy köp sanly adamlar tarapyndan derñelendigine garamazdan bu jansyzyñ aslynda Megrahi bilen ýakyndan-daşdan ilteşigi ýokdy.

Hadysanyñ añyrsynda Liwiýa barmyka?

Ýa bolmasa aýyplamalaryñ çaltlyk bilen ýöñkelip, şotland sudunyñ özygtyýarlylygyndan gaçyp, derñew prosesiniñ merkezi bolmak kararyna gelen Gollandiýa geçirilmegi bilen şotland sudunyñ taryhynda birinji gezek gabat gelen üýtgeşmeleriñ we ylalaşmalaryñ çarçuwasynda gyssagly sud geçirilmeginiñ añyrsyndaky sebäp Kaddafi režiminiñ suda çekilmegimi?

Megrahi bigünädigini öwran-öwran aýdyp, panydan ötdi. Şindi üns merkezinde şu sowal bar: uçar partlamasynda kimiñ eli bardy?

Megrahi hakykatdanam Lokerbiniñ 271-nji pidasymy?

Jibril UBEÝDI,
Liwiýaly derñeýji-žurnalist.

Şenbe, 26.11.2022 ý. Publisisistika